**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

B.Annanepesow

# “Şähergurluşygyň we dizaýnyň taryhy”

**Hünäri: Binagär**

**Aşgabat 2010**

## Giriş

Şäher gurmaklyk taryhyň hemme döwürlerinde hem binagärligiň we şähergurluşygyň esasy meselesi bolupdyr. Slynda binagärligiň esasy maksady adamzada ýaşamak we işlemek üçin amatly, hemme taraplaýyn oňaýly giňişlik döretmekdir. Wagtyň geçmegi bilen adamzadyň bu giňişlige, ýagny ýönekeý dil bilen aýtsak öýe we iş ýerine bolan talaplary, üpjün edilýän hyzmatlara bolan talaplary gitdigiçe ösýär. Netijede binagärlerde has hem döredijilikli işlemeli bolýar. Edil şol talaplar şähergurluşygyna hem degişlidir, ýöne şähergurluşykda öňde durýan meseleler has uly ölçeglerde bolup aýratyn jogapkärçiligi talap edýär. Şu işde şähergurluşyk sungatynyň taryhyna seredilip geçilýär we talyplaryň okuwynda peýdaly bolup biljek maglumatlar hödürlenýär.

## GADYMY GÜNDOGAR

Taryhda şäherleriň ilkinji dörän döwletleri esasan uly derýalaryň töwereginde ýerleşipdir. Olara mysal edip: Tigr, Ýewfrat, Ind we Nil derýalaryny görkezmek bolar. Hut şu ýerlerde oturumly şäherler we senetçilik, senagat we söwda ýüze çykýar.

Gadymy Hindi döwletiniň esasy merkezleri hökmünde Mohenjo – Daro we Harappa görkezilip biler. Olar 1921-nji ýyldaky gazuw-agtaryş işlerinde tapyldy; Müsüriň öz medeni merkezleri bolupdyr: Memfis, Fiwy, Ahetaton we başg.; Derýaaralyk halklarynyň medeni merkezleri başda Şummer – Akkad şäherlerinde, soňra bolsa Gadymy Wawilon, Assiriýa we täze Wawilon şalyklarynda ýerleşipdir. Müsüriň we Derýaaralygyň şäherleri Ýewropa medeniýetiniň emele gelmegine hem täsir edipdirler. Hindi medeniýeti öziniň geografiki ýerleşişi boýunça we esasy merkezleriniň ir ýok bolmagynyň netijesinde Ýewropa medeniýetine täsir etmändir.

Müsürde we Derýaaralykda b.e. öň XX asyrda hem geometiki taýdan dogry çyzylan köçe torlary bolan we şäher merkezleri bellenen şäherler bolupdyr. Olar öz içine köşk we ybadathana toplumlaryny hem alypdyrlar. Bu şäherleriň meýilnamalaryny, abadanlaşdyrylşyny we gurluşyny grekler hem rimliler üns bilen öwrenip öz şäherlerinde hem ulanypdyrlar. Hut şol sebäpden hem Ýewropa medeniýetini öwrenmekligi Gadymy Gündogaryň şähergurluşygyndan başlamaly.

## Gadymy Müsür

Hemişe hem Gadymy Müsüriň esasy ilatly ýeri Nil derýasynyň dar jülgesi bolupdyr. Sebäbi onuň iki tarapyndan hem giň çöllükler ýatyr. Nilyň aşaky akymlary eýýam paleolit döwründe hem ilatly ýerler bolupdyr.Nilyň jülgesinde alynyp barylýan irrgasion iöler bu territoriýada dürli jemgyýetleriň döremegine ýardam beripdir. Wagtyň geçmegi bilen bu jemgyýetler syýasy özbaşdak etraplary – nomlary emele getirýär. B.e. öň IV müň ýyllykda demirgazyk we günorta nomlaryň uzak göreşi netijesinde müsür bir faraonyň hökümdarlygyna birikýär. Şol döwürden başlap nomlar merkezleşdirilen hökümediň syýasy taýdan tazyn welaýatlaryna öwrülýär. Müsüriň florasy topraklarynyň gowulygyna garamazdan gaty baý bolmandyr. Müsüriň özünde gurluşyga ýarawly agaç bolmandyr. Gerek bolanda agajy ýagny sosna we kedry uzak niwamdan hatda gresiýadan getiripdirler. Şol sebäpden Müsüriň esasy gurluşyk materialy palçyk bolupdyr. Gurluşyklaryň köpüsi çig kerpiçden ýerine ýetirilipdir. Şu sebäpden hem Gadymy Müsür şäherleri biziň günlerimize çenli hem saklanyp galmandyrlar. Diňe beýik platolaryň üstünde gurulan we Nil joşanda suwuň ýetmeýän ýerlerindäki şäherler azda-kände saklanypdyr. Emma olar hem wagtyň we çölüň täsiri netijesinde öwrenmek üçin örän agyr ýagdaýda. Gadymy Müsür şähergurluşygynda esasan köşkler, ybadathana toplumlary we nekropollar saklanyp galypdyrlar. Gadymy Müsür şäherleri hakyndaky maglumaty Gadymy Grek we Rim çeşmelerinden hem alyp bolýar. Ýokarda sanalyp geçilen maglumat

çeşmeleriniň esasynda Gadymy Müsür şäherlerini birnäçe toparlara bölmek mümkin, olar esasan dört topara bölünýär.

**Gadymy müsür şäherileriniň klassifikasyýasy:**

1. Paýtagtlar: Memfis, Fiwlar, Ahetaton (Tell – Amarna), Sais, Tanis we Bubastis;
2. Ybadathana şäherleri: Geliopol, Elefantino we File;
3. Söwda şäherleri: Awaris, Tanis we Bubastis;
4. Gala – gorag şäherleri: El – Kab, Semne we başg.

Söwda şäherleriniň köpüsi Nilyň deltasynda ýerleşipdirler, gala şäherleri bolsa esasan Efiopiýa taraplarda ýerleşipdirler.

Şäherler bilen bir hatarda piramida gurluşykçylar üçin, suwaryş desgalarynyň, köşk we ybadathana toplumlarynyň gurluşykçylary üçin özboluşly ilatly nokatlar döredilipdir. Şeýle ilatly nokatlar gurluşykçy – gullaryň kwartallaryny we administrasiýanyň ýaşaýyş ýaşaýyş jaýlaryny alypdyrylar. Olaryň içinde iň bellisi Kahun. Öz kiçi ölçegleri sebäpli ol şäher dälde şäherçe hasaplanyp bilen.



Giza. Memfin nekropoliň plany



Kahun. Şäher meýilnamasy.




Ahetaton. (Tel-Amarna). Şäheriň umumy meýilnamasy.



Gizedäki piramidalar



Basgançakly piramidalar

## Derýaaralygyň şäherleri

Müsür bilen deňeşdirilende Derýaaralygyň, Eýranyň we beýleki ýanaşyk ýurtlaryň şäherleri has ymykly öwrenilendir, mysal üçin: Ur, Upi, Aşnunak, Assur, Wawilon, Samal we öňdäki Aziýanyň beýleki iri şäherleri gowy öwrenilip, olarda ulgamlaýyn gazuw-agtaryş işleri geçirilendir. Bu işleriň netijesinde olaryň diňe bir şäher merkezleri däl, eýsem giň ýaşaýyş etraplary hem tapyldy. Emma arheologiki maglumatlaryň köpligine garamazdan bu şäherleriň binagärligi örän düşnüksiz bolup, ony dikeltmek Müsüriň binagärliginden hem kyn. Munuň sebäbi Mesopotamiýanyň şäherlerinde köp sanly söweşler bolup, olar eýýam taryhy döwürde güýçli ýumurylşa sezewar boldylar. Elbetde esasy gurluşyk materialynyň çig kerpiç bolmagy hem şäherleriň wagtyň geçmegi bilen ýykylmagyna öz täsirini ýetirdi. Gadymy Müsüriň daşdan ýasalan ybadathanalary we piramidalary üýtgewsiz saklanyp galan bolsa, onda Mesopotamiýanyň çig kerpiçden gurulan şäherleriniň diňe meýilnamalaryny öwrenilip binagärlik keşbi näbellidir.

Derýaaralgyň syýasy taryhy örän çylşyrymlydyr. Derýaaralygyň şäherleri we aýratyn taýpalary üznüksiz söweş ýagdaýynda bolupdyr. Emma aram-aram günorta ýa-da demirgazyk bölümler kähalatlarda bolsa bütin derýaaralyk bir häkimiýete boýun egipdir. Şol döwürler hem Derýaaralykda gurluyk we şähergurluşyk işleriniň güýçli ösýän wagty bolupdyr. Şol sebäpden Derýaaralyk taryhynyň möhüm bolmadyk tapgyrlaryny aradan aýyramyzda esasy üç taryhy döwür galýar:

1. Şumer – Akkad döwri;
2. Assiriýa döwri;
3. Täze Wawilon döwri.

Ur, Upi we beýleki şäherlerdäki geçirilen gazuw agtaryş işleri Derýaaralykda giňden ýaýran iki bölekleýin, ýagny gala we ýaşaýyş etraby – şähergurluşyk usuly gadymy döwürlerdede ulanylýan ekeni. Daşyna çig kerpiçden diwar aýlanan gala köplenç şäheriň merkezinde ýerleşip baş häkimiýetiň rezidensiýasy bolupdyr. Galanyň içinde ybadathanalar, köşkler, kazyýetler we beýleki jemgyýetçilik jaýlar ýerleşipdir. Zikkuratlaryň beýikligi netijesinde (ortaça 40-50 metr) binalaryň bu toplumy diňe bir şäheriň meýilnamasynda dälde, eýsem onuň şekilinde hem tapawutlanypdyr. Galadan tapawutlylykda ony gurşap duran ýaşaýyş etraby düz ýer ýaly bolupdyr, sebäbi ýaşaýjylaryň köpüsiniň jaýlary bir gatly bolupdyr.

Şumeriň we Akkadyň şäherleri Gadymy Müsür şäherleri bilen deňeşdirilende olaryň arasynda düýpli tapawutlaryň bardygy ýüze çykýar. Bu tapawutlary şäheriň keşbinde we ölçeglerinde, abadanlaşdyrylşynda, gurluşygyň dykyzlygynda, gök ekinleriň köplüginde, köşkleriň we ybadathanalaryň häsiýetinde şeýle hem şäheriň umumy şekilinde görmek bolýar.

Derýaaralygyň gadymy şäherleriniň häsiýetli tarapy olaryň tegelek şekilinde gurulmagydyr. Mysal üçin Tel – El – Obeýdedäki ybadathananyň daşyny gurşaýan diwar dogry tegelek görnüşindedir; Ur şäheriniň hem daşky diwarlary aýlaw şekildedir. Soňraky döwürde gurulan Samal şäheriniň meýilnamasy takyk tegelek şekilindedir.

**Gadymy gündogar şäherleri.**





Şumeriň Ur şäheriniň plany. 1-Zikkurat, 2-Nanaryň keramatly howlusy, 3-Nanaryň we onuň aýaly Ningalyň ybadathanasy, 4-Ningalyň iki gat yba. 5-Urnamy we Dunganyň köşgi.



Sird-Hetts Samal şäheriň meýilnamasy



Nipur şäheri. Geodeziýa sungaty. Garalanan diwar.



Nipur şäheri.
Palçygyň ýüzünde çyzylan.



Zikkurat



Şäheriň meýilnamasy

# ANTIK ŞÄHERGURLUŞYK
## Gadymy grek şähergurluşygy

Egeý deňziniň kenarýaka bölegini eýeleýän halklaryň medeniýeti Gadymy Gündogar despotiýalaryň medeniýeti bilen baglanşykly bolupdyr. Şeýle hem egeý dünýäsi soňraky emele gelen Gadymy Grek medeniýetini öz täsirini ýetirdi. Kritda esasan hem Mikenda emele gelen şäherleri öwrenmesizden Gadymy Grek şähergurluşygynyň gözbaşlaryna düşünmek kyn bolýar. Şol sebäpden hem grek şähergurluşyk sungatyna giriş gökmünde egeý dünýäsinde ýaşan halklaryň şähergurluşyk işlerini görkezmeli bolýar. Egeý arhipelagy Ýewropa bilen Aziýanyň arasyndaky köpri bolupdyr. Krit adasy Egeý adalarynyň iň ulusy bolup Ortaýer deňziniň gündogar bölegini ýerleşmeginiň netijesinde egeý medeniýetinde esasy orny eýeleýär. We eýýäm b.e. III müňýyllykda bu ýerde "Minoý" medeniýeti emele gelýär. Minoý medeniýetiniň merkezleri: Knos, Fest, Gurniýa we başga az öwrenilen şäherler. B.e. öň XV asyrda kritlylaryň şähergurluşyk işi mese – mälim gowşaýar. Egeý dünýäsiniň öňki medeni merkezleriniň ýerine kontinentda täze merkezler ýüze çykyp başlaýar. Olar: Tirinf, Mikenlar we Argos. Olar Miken medeniýetiniň merkezi bolupdyrlar. Miken medeniýetiniň gülläp ösen döwri b.e. öň XV – XII asyrlar.

Ondan soňra Miken medeniýetiniň şäherleri ýuwaş – ýuwaşdan gowşap başlaýarlar. Belki munuň sebäbi taýpalaryň göçüp – gonmagyndadyr.

Gadymy Grek çeper medeniýetini esasan dört tapgyra bölýärler:

1. Gadymy eýýam (Gomer döwri);
2. Arhaika;
3. Klassika;
4. Ellinizm.

Gadymy Gresiýanyň iň gadymy döwründe Balkan ýarymadasynyň territoriýasynda birnäçe basyp alyjylykly tolkunlar bolup geçdi (Eoliýalylar, Ioniýalylar, Doriýalylar). Bu basyp alyjy taýpalar has pes medeni basgançakda durup Grek taýpalaryna degişlidiler. Demirgazykdan aşak gelip olar ýuwaş-ýuwaşdan Miken medeniýetini ýykdylar, we Balkan ýarymadasynda şeýle hem Egeý deňziniň gündogar kenarýakasynda we adalarda ýerleşdiler. Wagtyň geçmegi bilen olar ýerli ilat bilen garyşyp olaryň medeniýetine özleşdirip başladylar.

Bu taýpalar taýpa-tire gatnaşyklarynyň soňky tapgyrynda bolup, olaryň şähergurluşyk işleri örän gowşakdy. Şäheri döretmän olar Miken eýýamynda dörededilen akropollaryny ulanyp, olary töwerekdäki merkezlerine öwürýärdiler. Gadymy döwrüde ilkinji ybadathanalar ýüze çykyp başlady olaryň Miken eýýamynyň Megaronlary bilen baglanşykly bolmagy ahmal.

Arhaika eýýamynda (b.e. öň VIII-VI aa.) tire-taýpa gatnaşyklary gutaryp onuň ýerine aristokratiýanyň hökümdarlary başlady.

Aristokratiýa dini işlere ýolbaşçylygy doly öz eline alýar. Şol döwürden başlap ybadathanalaryň gurluşygy has hem ýaýdaňladýar.

Arhaika eýýamynyň soňunda grek gul – eýeçilik şäher respublikasy emele gelýär. Hökümediň bu görnüşine “polis” diýip at berilýär. Şol döwürde hökümdarlygyň şu görnüşi iň kämil görnüşidi.



Tebigy landşaftda Gadymy Grek teatry



Parfenon




Parfenon



Nika Apteros ybadathanasy



Tebigy landşaftda Gadymy Grek teatry



Zewsyň ybadathanasy



Afiny. Akropol. Propilei



Afiny. Erehteon



Afiny. Artemida ybadathanasy

## Gadymy Rim

Gadymy Rim çeper medeniýetiniň taryhy Rim şäherleriniň taryhy bilen üznüksiz baglydyr. Sebäbi Rim gul-eýeçilik döwleti Rim şäheriniň esasynda döredi we kämilleşdi.

Rim taryhy däpleri Rimyň taryhyny üç eýýama bölýär:

1. Şalar eýýamy (b.e. öň VIII-VI asyrlar);
2. Respublika eýýamy (b.e. öň VI – I asyrlar);
3. Imperiýa eýýamy (I - V asyrlar);

Şalar eýýamynda Rim uly merkez ähmiýetine eýe däldi. Rim taryhynyň irki tapgyrlarynyň binagärligi we şähergurluşygy hakynda bir zat aýtmak örän kyn, sebäbi şol döwrüň binagärliginde hiç hili yz galmadyk diýen ýaly. Ýöne şüwhesiz rimliler etrusklardan köp zat alandyrlar, olar hem öz gezeginde greklerden.

Has giçki respublika eýýamyndaky göniburçly meýilnamalar eýýam gadymy döwürde etrusklar tarapyndan hem ulanylyp başlapdyr.

## Rim forumy

Rim forumy (lat. - Forum romanum) – Gadymy Rimyň merkezinde töwerekdäki binalary hem öz içine alýan meýdança. Ilki başda forumda bazar bolupdyr. Soňra ol komisiý (halkyň ýygnanşýan ýeri), Kuriýany (senadyň ýygnak geçirýän jaýy) öz içine alýar we syýasy funksiýa eýe bolýar.

Forum jemgyýetçilik durmuşyň merkezi bolup durupdyr we adamlaryň gündelik duşuşýan ýerine öwrülipdir.



Rim forumlarynyň meýilnamasy

**Şalyk döwri.**

Palatin, Weliýa, Kapitoliý we Eskwilin depeleriniň arasyndaky boşluk gadymy döwürlerde köp sanly çeşmejikli batgalyk bolupdyr. B.e. öň VIII asyra çenli bu ýer gonamçylyk hökmünde ulanylypdyr. Bu ýer Tarkwiniý Gadymynyň şalyk edýän döwründe suwlary akidiji ýaplaryň çekilmegi bilen guradylýar. Bu ýer guradylandan soňra forumyň gurluşygyna başlanýar. Forumyň bir bölümi söwda nokatlary üçin beýleki bölegi bolsa dini, baýramçylyk, saýlaw işlerine we dürli çykyşlara niýetlenipdir.

**Respublika döwri.**

Respublika döwrinde forum Rimyň syýasy, dini we ykdysady merkezine öwrülýär. Punik söweşlerden soňra şäher meýilnamasynyň üýtgedilmeginiň netijesinde forum täze keşbe eýe bolýar. Kastoryň we

Polluksyň ybadathnasy, Konkordiýanyň ybadathanasy täzeden gurulýar. Şeýle hem forumyň şäheriň beýleki etraplary bilen gatnaşygyny üpjün etmek üçin täze ýollar çekilýär.

**Imperiýa döwri.**

Awgustyň hökümdarlyk eden döwründe dowamly gurluşyklaryň netijesinde forum ägirt uly ölçeglere eýe bolýar we şäheriň jemgyýetçilik, dini we iş durmuşynyň esasy merkezine öwrülýär. Awgsutyň döwründe forumda köp sanly monument gurulýar. Soňra forumyň durmuşynda uzak wagtly çökgünlik tapgyry gelýär. Wagtyň geçmegi bilen Maksensiý we Konstantinyň hökümdarlyk edýän döwründe forum täzeden gülläp ösýär.



Rim forumy

### Rim. Forum. Awgustyň arkasy

Arkalar esasan impertator eýýamyndan giňden ýaýrandyrlar. Arkalar üsti swod ýa-da swodlar bilen örtülen iki ondan köp pilonlardan ybaratdyr. Arka attik bilen gutaryp onuň meýdanynda ýazgy edilipdir. Rim forumyndaky Awgustyň arkasynda merkezi swodyň gapdallarynda göniburçly gapdal gerimler ýerleşdirilipdir.



## Rim. Panteon

Rimde Panteon 125-nji ýylyň töweerklerinde guruldy. Ol rotonda şekilli ybadathananyň iň kämil görnüşidir. Gümmeziniň diametri 43,2 metr. Panteonyň mysalynda Rimde uly gerimli gümmez giňişligiň döretmeginiň çeper we gurnama meseleleri üstinlikli çözülendir. Sfera görnüşli gümmez kese beton gatlaklaryndan we bişen kerpijiň hatarlaryndan ýerine ýetirilendir.



Gümmez 6 metr galyňlygyndaky diwara daýanýar. Arkalaryň köp gatlakly ulgamy gurnamadaky agramlary sazlaşykly paýlamagy mümkinçilik berýär. Gümmeziň depesindäki 9 metr diametrli yşyklandyryş boşlugy interýerde esasy orunlaryň birini eýeleýär. Aşaky gatlagyň orderi mermer we agyr diregler bilen gowy sazlaşýar.

## Rim. Kolizeý (Flawiýler amfiteatry)

Kolizeý dünýä binagärliginiň iň görnükli eserleriniň biridir. Onuň gurluşygy 75-nji ýylda Wespasian Flawiý tarapyndan gurulyp başlandy we I asyryň soňunda gurulyp boldy. Kolizeý ellips görnüşinde bolup, onuň ölçegleri 186x156 metr. Binanyň fasady üç gat arkadalary bilen bölünýär we soňky dördünji gat diwar görnüşindedir. Fasadyň tektonikasy ýönekeý emma gyzykly. Birinji gatyň arkadalarynda doriki ýarym sütünler, ikinji gatyň arkadalarynda ioniki ýarym sütünler, üçünji gatyň arkadalarynda korinf ýarym sütünler ulanylypdyr.



# Ortaasyr binagärligi
## Ortaasyr Fransiýanyň binagärligi

Fransiýanyň iň gadymy çeperçilik ýadygärlikleri gall – rim döwrüne degişlidir. Şol döwürden biziň günlerimize çenli birnäçe sany dini desgalaryň galyndylary ýetipdir. Olaryň içinde iň gowy saklanany korinf stildäki Nim ybadathanasy, ol “dörtburç jaý” (Maison carree) diýip hem atlandyryklýar.

Hristianlygy Rimden alan ýurtlaryň hemmesi ýaly Galliýa hem öz serkowlarynyň gönüşini Italiýadan aldy. Italiýada serkowlar kazyýet jaýlarynyň esasynda gurulan bazilikalardan başlanýar. Franklaryň Galliýa giren döwründe ol ýerde kän sanly bazilika bardy, emma olaryň biri hem saklanyp galmandyr.

XI asyryň başynda hristian fantaziýasy köne däplerden daşlaşyp täze binagärlik şekillerini döredip başlaýar. Bazilika hiç zat goşulmaýar emma onuň görnüşi üýtgedilýär. Tekiz üçek ýeine swod emele gelýär, binanyň beýikliginiň giňligine bolan gatnaşygy üýtgeýär. Hemme zat bir stilde ýerine ýetirilip başlanýar. Wagtyň geçmegi bilen bu stil owadanlyga hem eýe bolýar. Latyn hajynyň şekili meýilnamada has hem aýdyň görkezilýär. Fasad iki sany dört gyraly diň bilen bezelýär. Portalyň üstünde roza diýip atlandyrylýan tegelek penjire açylýar.

Berklige niýetlenen gurluşyk tehnikasy hem öňe ädim atýar. Serkowlaryň içiniň bezegi artýar: diwarlar we pollar reňkli inkrustasiýalar bilen bezelýär, sütünler dürli reňkler bilen reňklenilýär. Şeýlelikde XI asyrda Fransiýany doly eýelän roman stili ýüze çykýar.



**Ortaasyr galasynyň suraty**

## XVI – XVIII asyrlarda Fransiýanyň görnükli şäherleri

Pariž we Wersal

Irki feodal günbatar ýewropa şäherleriniň ýokarda görkezilen gysgaça häsiýetnamasynda Parižiň territorial ösüşiniň üç etrapy bellenilýär:

1).Lýutessi Parziorumyň çägindäki Pariž;

2).Filipp Awgusty (1190 ýyllarda gurlan) çägingäki Pariž we 3) Karl V diwarlaryndaky Pariž (1370 ýylda gurulmaga başlan). Karl V döwründen Fransiýanyň paýtagty territorial taýdan aýdyň ösen ; ýeri boýunça şäher şäher diwarynyň çäginden çykan, ýöne meýilleşdirilen ýagdaýda we özüniň daşky arhitektur görnüşinde Pariž entäk orta asyrlar häsiýetini saklapdyr. Şeýle hem iki asyr mundan öň Senadan günorta tarap territoriýany ýaşaýyş we “alymlar” raýony bolupdyr, emma söwda, umumy ýaşaýyş we has janlandyrylan şäher hereketleri derýanyň sag kenarynda –bazaryň golaýynda, Ratuşi we Luwr galasynyň golaýynda ýerleşen. Parižiň gadymy bölegi Site galasy öňki ýaly ýepiskoplaryň we sud eýeiliginiň rezidensiýasy bolupdyr. Köprülerde ýerleşdirilen şahalara bürelen orta asyr jaýlary bilen Site adasy uzakdan üstünden maçt ýaly Pariž Notr – Dam soborynyň diňleri çykyp duran doly gämä meňzeýär.

Gadymy köçeleriň ugry hem geçen asyrlar boýunça görünýän derejede üýtgedilmändir. Sen-Marten we Sen Žak köçeleri öňen bolşy ýaly demirgazykdan günorta tranzit ýol bolup durýar, emma günbatardan gündogara tarap – Luwrdan Bastiliýa

hereket egremli Sent-Onore we Sent-Antuan köçeleri boýunça amala aşyrylypdyr.

Bu köçeler şeýle hem orta asyr Parižiniň iri toplumlary Meriananyň meýilnamasynda aýdyň görünýär.

Ýöne Meriananyňmeýilnamasy Parižiň aýry-aýry raýonlarynda XVI asyryň ikinji ýarymynda we esasanda XVII asyryň başlarynda bolup geçen aýdyň üýtgeşikleri hem görkezýär. Fransisk I döwründen, haçanda Fransiýada gaýtadan dikletmek sungaty tassyklanandan soň, Parižde gyzgalaňly gurluşyk işleri başlaýar. Ýurduň syýasy we ykdysady güýçleriniň berkemegi gurluşyga ýardam berýär. Ol gugenotlaryň we katolikleriň arasyndaky ganly göreşden soň, ahtr soňy Genrih IV baştutanlygynda asudalyga eýe berýär. Doly bolmadyk 70 ýylyň içinde Luwr has giňelýär, Týuilriýskiý we Lýuksemburg köşkleri peýda bolýar, Dofina meýdany gurulýar, Wozegow meýdany, Täze köpri, Dofina köçesi we birtopar ýaşaýyş jaýlary paýtagtyň aristokratik ýerlerinde gurulýar.

Parižiň iň iri köşkleriniň biri – Luwr orta asyrlarda Filipp Awgustyň şäher diwarynyň çäginden daşarda ýüze çykypdyr. BU etrap (Luwryň ösüşiniň indiki etraplary ýaly) 314 jetbelde görkezilendir. Entäk XIV asyryň ahyrynda Luwr Karl V entäk diwarlary bilen garalan territoriýa goşulan, we şol ýagdaýda XVI ýüz ýyllygynyň ortasynda çenli saklanyp gelipdir. Fransisk I özüniň ýörişleri döwründe Italiýada bolup, Luwry şa köşkiniň talaplaryna laýyk edip täzeden üýtgedip gurmagy arzuw edipdir. 1546 ýylda arhitektor Lesko Täze Luwr diýip atlandyrylýan birinji korpusy abzallaşdyrýar. Ol gadymy Luwr galasynyň ýykylan

günbatar korpusynyň ýerinde ýerleşýär. Irki fransuz gaýtadan dikeltmek görnüşindäki bu gurluşykdan soň Luwryň kompozision we stilistik bütewligini ýitirenligi iki-üçsuzdyr. Emma şol bir wagtda köşküň arhitektura birligini saklamaga ymtylmandyr, ýagny gadymy Luwr özüniň orta asyr başnýalary bilen doly ýok edilmäge sezewar edilipdir.

1564 ýylda şa aýaly Ýekaterina Mediçi Filiber Delorma Luwryň golaýyndan täze şa köşkini gurmagy buýurýar. Luwrdan gündogar tarapda dykyz salnan şäher kwartallary ýerleşýär. Şonuň üçin köşküň gurulmagy üçin ýeke-täk çykalgany günbatar ugur berýär. Ýagny ol tarapda Karl V diwarynyň çäginden daşarda Luwrdan 500 metr uzaklykda ýerleşipdir. Luwr bilen Trýuilriýsk köşküniň arasynda dörän aralyk bütin köşk kompleksiniň gerimi kesgitleýär, ýa-da täze köşke, "ahyrky maksada" ýaly entäk Ýekaterina Mediçiniň diriliginde birleşdiriji korpus çekilýär. (314 jetbel).

Genrih IV döwründe XVI we XVII asyrlaryň ýakasynda Karl V diwary ýykylan we iki köşk birleşen. Luwryň we Trýuilriniň bu birleşmesi  Pariž üçin äpet arhitektura netije bolup durýar. Ýagny köşküň beýik öň tarapy Parižde täze, has iri arhitektur masştab döretdi. Diňe şu taryhy wakadan soňra Parižiň meýdanlaryny we köçelerini bir orderde gurmak barada şalaryň buýruk bermekleriniň mümkin bolandygy düşnüklidir.

Luwrdaky we Týuilridäki işler bilen bir hatarda 1578-nji ýyldan 1604-nji ýyla çenli Täze daş köprüsiniň gurluşygy hem alnyp baryldy. Köpri adaty bolmadyk görnüşde pikirlenilen. Ony Senanyň iki golunyň Site adsyny gurşap alyp bir damara birleşýän

ýerinde gurulypdyrlar. Köpri bilen bir hatarda kenarýaka gurluşyklary hem alnyp barylypdyr we abadan jaý utmak üçin ugur görkeziji üst-üstüne goýup köpriň soňuna çenli çekipdirler we onuň gutaran ýerinde dörtburç daş sütün edipdirler we netijede onuň üstünde Genrih IV – nyň esger görnüşdäki ýadygärligini ýerleşdiripdirler.

Dofina üçburç görnüşli meýdan Genrih IV buýrugy bilen 1608-nji ýyldan soň gurlupdyr. Emma bu meýdanyň daş-töweregi hatarlaýyn ýaşaýyş jaýlary bilen gurşalyp, köp tarapdan eýýam döwre görä üýtgedilen, çeperçilik bahasy ýok. Onuň köprüsi we patyşanyň ýadygärligi deňitaýsyz gyzyklydyr. Patyşanyň ýadygärligi şäher gurluşygy heýkel ýerleşdirmegiň täze usuly bilen baýlaşdyrýar. Genrih IV –niň ýadygärligi baradaky pikir Çikola degişlidir; söweşjeň at italýanlar Džowannida Bolonýa we Pýetro Takka tarapyndan heýkelleşdirilen, emma atly – Dýupre tarapyndan. Dürli ussatlaryň eserleriniň umumy bir çeper btewilige nähili düzülendigininiň sungaty we has hem ýadygärligiň nähili ýerleşdirilendigine geň galmak bolýar. Açyk giňişlige ýüzüni öwrüp duran Mark Awreliýniň heýkelinden soň, üç tarapyndan köşkler bilen gurşalan, soňraky täzelik bolup – ýadygärligiň adanyň düýbünden açyk ýanynda ýerleşdirilmegidir.

Dofina meýdany fransuz Gaýtadan dikeldilmesiniň birinji meýdany däldir. Onuň döremeginden üç ýyl öň Parižiň gündogar wartallarynyň arasynda ullakan Patyşa meýdanynyň (häzirki Wogezleriň meýdany) gurluşygy başlapdyr. Wogezleriň meýdany tasdan diýen ýaly tötänleýin

döräpdir. 1605-nji ýylda ýok edilen Turnel galasynyň ornunda patyşa manufakturasy üç gatly, beýik çerepisadan edilen tam üstli korpusyň gurluşygyna başlapdyr. Gurluşygyň gutarmagy bilen Genrih IV bir dürli şekillendirilen meýdan dörär ýaly hasabat bilen üç sany meňzeş korpusy abzallaşdyrmagy teklip edýär. Bu teklibiň ýerine ýetirijisi arhitektor Klod Şatiýan bolupdyr. Ol meýdany 1612-nji ýyla çenli gutarypdyr . Wogezow meýdanyň her gapdaly 139 metr bolan dogry inedördül plany bolupdyr. Biza soňrak 1639-njy ýylda onuň üstünde Lýudowik XIII söweşjeň atly ýadygärligi goýlupdyr we inedördüliň diagonaly we simmetriýasynyň oky boýunça ýodaly gül bilen bezelen haly döwülipdir.

Rişelýeniň Agalyk süren döwründe Gaýtadan dikeltme tipinde amala aşyrylan gurluşygyň jemi geçirilýär. Şu döwürde Luwrdan demirgazyga täze köşk-Pale-Roýal döreýär, Lýuksemburg köşgüniň we bagynyň gurluşygy dowam edýär we Luwryň günbatar korpusynyň ikinji ýarymy abzallaşdyrylýar. Luwr korpusynyň gurluşykçysy Žak Lemersýe Parižde Pawilon sagady görnüşli örän owadan baýlygy galdyrýar. Ol gapyrgaly gümmezli tam üsti bilen basyrlan.

Genrih IV we Rişelýe döwrüniň gurluşykçylary bilen Gaýtadan dikeltme stili hem entäk Parižiň öňde baryjy stili bolmaýar. Gaýtadan dikeltmäniň yz ýanyndan Italýadan barokko gelýär. Bu stil düýp mazmuny bilen fransuz topragynda örän çalt gaýtadan dikeldilýä we meýilnamada öz artykmaçlygy bilen arhitektur abzallarynyň has talap ediji görnüşleir bilen utgaşýar. Ahyr soňunda klassizm adyny alan täze

stilistik ugruň öňde baryjy ussatlary Lenotr, Lewo, Monsar we Klod Perro bolýar, emma esasy gurluşyk obýekti – wersal.

Wersalyň ýerleşen ýerini berlen karta görkezýär. Wersal patyşanyň awçylyk galasy hökmünde Parižiň günorta – günbataryndan 18 kilometr aralykda peýda bolýar. 1627 – nji ýylda Lemersýe bu ýerde Lýudowik XIII üçin uly bolmadyk köşk gurýar, emma wersalyň ösüşi şondan soň haýallaýar. Sebäbi düz, tokaýsyz ýerler we çägesöw toprak bag gurmak üçin amatsyz bolýar. 50-nji ýyllarda bag-seýilgäh sungatynyň ussady hökmünde Lenotr öňe çykýar. "Şa-güne" laýyk öwsün atýan rezidensiýany gurmagy arzuw eden Lýudowik XIV Lenotra Wersal bagynyň gurluşygyny tabşyrýar. Ägirt uly parkyň emeli eýwanlar we suw howdanlar bilen abzallaşdyrylmagy ägirt uly pula durýar. Muny Wolter öz döwründe şeýle diýip, ýagny egerde Lýudowik XIV Pariž üçin Wersalyň tebigatyny ýeňmäge giden puluň bäşden birini harçlan bolsa, onda Pariž özüniň dowamynda hem edil Týulri we Pale-Roýalyň daşyndaky ýaly gowy bolardy, diýip belläp geçýär. Wersal özüniň ähli esasy bölekleri bilen binäçe ýylyň dowamynda gurlan we şonuň üçin oňa aýry-aýry hronologiki etraplara bölmezden bütewli görnüşde seretmäge doly mümkinçilik bar. Wersal kompleksiniň kompozisiýasy ortakysy Paraže getirýän, demirgazyk-gündogarkysy Sen-kla getirýän, we günorta – gündogarkysy Orlean ýolunyň golaýynda ýatan Co ýere getirýän, üç sany şöhle görnüşli uly köçelerden başlanýar. Yzygiderli meýilleşdirilen şäher Wersal şöhle görnüşli uly köçeler bilen kesişýär. Ol patyşa köşküne ýetip ägirt Armiýa meýdanyny emele getirýär.

Bu meýdan Lenotr tarapyndan harby paradlar üçin gurlan. Oňa gözenekler bilen gurşalan hormatly köşk degip durýar. Onuň garşysynda bolsa şöhle görnüşli köçeleriň arasynda Mansaryň işiniň şa athanasy ýerleşýär. Emma Armiýa meýdany del Popolo meýdany ýaly önçakly gowy duýgy döretmeýär.

Armiýa meýdanynda tomaşaçylar azaşýar we diňe bir onuň ägirt ululygyny däl-de, eýsem onda arhitektur wertikallaryň, aýratyn hem toplumlarda zerur wertikallaryň ýoklugyny hem duýýar. We bu meýilleşdirilen Wersal düwüni deňeşdirmezden effekti boýunça  peterburg düwüninden yza galýar. Ýagny peterburg düwünde ýadygärlikli we baýramçylykly lowurdaýan Admiralteýsk başnýasy radial köçeleri berk birleşdirýär.

Uly Wersal köşki Lewo tarapyndan dabaraly we agramly görnüşde gurlan, emma Mansaryň üýtgedip gurmasyndan soň ýadygärliligi we arhitekturasynyň talap edijiligi boýunça has utuş gazanýar. Köşküň bag fasadynyň gös – göni öňünde iki sany sekiz burç basseýn görnüşli “Suw partýor” ýerleşýär “Xsuw partýoryň” taraplary boýunça , şol bir eýwanda glhanalar ýerleşýär; demirgazykdan eýwan Neptun basseýni baglanýar, günortadan bolsa iki tarapyndan iki basgançaklar gaýdýar oranžereýa baglanýar. Köşk eýwany wersal bagynyň birinji bölegini düzýär. Onuň yzyndan gyrkylan baglar dowam edýär. Olaryň arasynda Laton fontanly we “Ýaşyl haly” fontanly partýor ter bolup aýrylyp dur. Ol bagyň okunda ýerleşýär. “Ýaşyl haly” – bu partýorly esasy alleýa bolup, onuň uzynlygy 300 metr we iki 50 metre golaýdyr. Indi, haçanda wersal bagynyň agaçlary ösen

soň, Lenotranyň gyrkylan alleýalary bir üznüksiz gök massiwe goşulan soň, emma XVII ýüz ýyllykda dar kese alleýalaryň kontrasty we giň “Ýaşyl halyly” ýollar aýdyň duýulypdyr, hatda meýilleşdirilen sungaty has talapgär baha berijileri hem haýran galdyrypdyr.



WERSAL köşgi

“Ýaşyl haly” Apollonyň kolesinisasynyň basseýnine getirýär. Bu ýerde Wersal bagynyň ikinji bölegi gutarýar we üçinji we ahrky bölegi – tokaýbag başlanýar. Tokaý bagyň ortasynda barhat ramadaky aýna meňzeýän Uly atanak görnüşli kanal ýatyr. Kanalyň uzynlygy 1,5 kilometr. Oňa tarap geometriki dogry şöhle desselerine ýygnanan göni çyzykly alleýalar gaýdýarlar.

Wersal toplumynyň gurluşygy esasan 1670-nji ýylda gutaran, iki ýyldan soň bolsa ol hemişelik patyşa rezidensiýasy bolan. Lýudowik XIV döwründe we onuň mirasgärleri döwründe wersalda köp meýilleşdirilen we gurluşyk işleri (Uly we Kiçi Priananalry, oranžereýalary, athanalary we ş.m. abzallaşdyrylmagy) geçirilipdir. Ýöne olar Wersalyň umumy arhitektur häsiýetini üýtgetmedi. Ol hatda biziň döwrümizde hem yza galýar.

Wersal bagynyň gurluşygyny gutarmak bilen Lenotr Pariže dolanyp gelýär we gyga wagtda Týuilriýsk bagynyň täze meýilnamasyny amala aşyrýar. Bagyň gapdallaryndan ol basgançakly, pandusly we daşdan diwarly eýwanlary gurýar, ortasy boýuna giň alleýa göýberýär we ol hem bagyň kompozision oky bolup durýar. Bu ok bilen ylalaşman we Parižde hem çäksizlik effekti döretmegi arzuwlap, ol bagyň okuny Neýi ýerjagaze tarap göni köçe görnüşde dowam etdirýär.

Ol senaň ugry boýunça Ol kenarýaka Korolewa köçesini alyp barýar we 1670-nji ýylda Ýeliseý meýdanlary prospektinde Tegelek meýdany proýektirleýär. Ol bolsa Týuilriýsk bagy bilen Ýyldyzlar zastawysynyň arasynda aralyk merkez bolup

duryar. Ýeliseý meýdanlary prospekti dar egremli Sent-Onore köçesi özüniň ýaramazlygyna garamazdan Parižiň tranzit magistraly bolup hereket edýär. Hereketleriň has giň magistrala goşulmagy tebigydyr. Magistralyň dowamy Týuilriýsk kenarýakasy – Luwryň ugry boýunça Parižiň merkezi kwartallaryny alyp barýar. Geljekki Parižiň günbatar – gündogar diametriniň birinji ýarymy şunuň ýaly emele gelipdir.

Ägirt köp serişde alýan Wersalyň gurluşygy we halkyň giň massasynyň könelere mätäç edilmegi, jaýlaryndan çykarylyp kowulmagy Luwryň giňeldilmegi we bezelmegi dogrusyndaky işi saklamady. 1660-njy ýylda Lewo demirgazyk, gündogar we günorta korpusyň köşk tarapdan ýarysyny gutardy. Şoňa baglylykda Luwr doly ýapyldy we özüniň inedördül planyna eýe boldy. Emma köşküň Luwr meýdanyna we Sena çykýan daşky fasadyny döretmek saldy.

Luwry gutarmak proýektini işläp düzmek üçin Rimden Lorenso Bernini gelýär, we 1665-nji ýylda onuň proýekti boýunça köşküň daşky galereýasynyň fundamenti goýulýar. Ýöne iki ýyldan patyşa Berniniň proýektini ret edýär we gurluşygy Klod Perro tabşyrýar. Uly alym we sungat ussady Perro klassisizmi öňünden aňýan ýaly adykman Luwr kollonadasyny talap ediji beýik görnüşde döredýär. Luwryň we Týuilriniň ösüşiniň bu etapy 314-nji jetblde görkezilen, emma kollonadanyň umumy görnüşi 315-nji suratda görkezilen.

XVII asyryň ahyry we XVIII asyryň başy Mansaryň döredijiligi bilen bellenip, Parižе birnäçe beýik toplumlary galdyrdy. Olaryň sanyna Pobed

meýdany, Wandomsk meýdany we beýik gümmezli metjidi bolan Inwalidleriň köşki degişlidir.

Wandom meýdany ilkibaşda Beýik Lýudowik diýip atlandyrylyp (ýagny Lýudowik XIV), Sent-Onore köçesi bilen Kapusinleriň monastyrynyň arasynda Sezar de Wandom galasynyň ornunda gurlupdyr. Meýdan Mansarynyň proýekti boýunça birnçe çylşyrymly göniburçly plany (141x126 metr) alypdyr. Ýöne onuň ýapyk kompozisiýasy şol döwürde, haçanda eýýam açyk meýdanlar Rimde, Wersalda we şol sanda Parižde hem peýda bolanlygy sebäpli şol döwrüň adamlary tarapyndan ýazgarylypdyr. Meýdany "howly" we hatda "mazar" diýip atlandyrylypdyr.

Üç gatly beýik jaýlaryň köşk häsiýeti bar we Dofina we Wogezow meýdanlaryndaky jaýlaryň arhitektur proporsiýalarynyň arassalygy we ykjamlygy boýunça öňe geçýär. Wandom meýdany iki ýylyň dowamynda gurluşdyr (1699-njy ýyldan 1701-nji ýyla çenli). Gysga döwürde äpet uly meýdany döretmek meýdanyň daş-töweregi diňe fasad diwarlar gurlanlygy netijesinde mümkin boldy. Wandom meýdanynyň merkezinde Lýudowik XIV ýadygärligi dur. Ol 1810 ýylda Wandom sütünlerine çalşyrylypdyr. Bürünç bölek örtülen sütünler Napoleon I ýörişine şekillendirýär we görnüşi boýunça şowly, ýöne bu meýdanda ol onuň rim prototiplerindäki ýaly çuň arhitektur seslenme ýetmeýär. Rim prototipleri – Troýana we Antonina sütüni we has hem Leningradda Aleksandrowsk sütünidir.

Lenotranyň Mansarynyň we olaryň döwürdeşleriniň gurluşyk işleriniň netijesini Delagriwanyň 1728-ni ýyl üçin meýilnamasynda bar.

Bu döwre çenli suratlandyrylan prospektlerden, meýdanlardan we köşklerden başga-da Pariäde şäheriň ähli sag kenarýaka bölegini gurşap alýan bulwarlaryň uly halkasy bar. Şeýle hem Inwalidler köşküniň golaýynda günorta-günbatarda hem bulwarlar ýüze çykdy. Emma Parižiň meýilnamasynda aýdyň böwetler duýulýardy. Parižiň baş esasy meýdany ýokdy. Şonuň üçin täze patyşa ýadygärligini abzallaşdyrmak soragy ýüze çykanda, arhitektorlar birinji nobatda Parižiň esasy baş meýdanynyň

proýektini düzüdiler. Şeýlelikde Lýudowik XV ýadygärligi iri şäher gurluşyk işleri üçin çykalga bolýar.

1748-nji ýylda arhitekturanyň fransuz Akademiýasy Lýudowik XV meýdanynyň proýektirlenmegine konkurs yglan etdi. Konkursda “patyşa arhitektor” Gabriel, gurluşykçy Panteon Suflo, Patt, Boffran, Blondel we Fransiýanyň beýleki birnäçe arhitektorlary gatnaşdylar. Gabriel konkursda birinji orna eýe bolup, Lýudowik XV meýdanynyň açyk kompozisiýasyna garady. Ýöne ägirt uly ölçegli meýdanlar we onuň açyk häsiýetli täzelik boýunça toplumyň problemasyny döredýär. Eger hakykatdan hem meýdan diňe bir tarapdan gurulýan bolsa, onda meýdany galan üç tarapdan ramkalamak üçin ýeterlik güýçli serişdeleri tapmak zerur bolýar.

Ondan başga-da onuň merkezini nädip berkitmeli, ýagny kompozisiýa baglaýjy güýjüni ýitirmezlik we daş-töwerek landşaftyna siňip gitmezlik üçin. Gabrielýada munuň üçin serişdeler bolup ballýustradalar, patyşanyň ýadygärligi bar.

Lýudowik XV meýdanyny ramkalaýan ramalaryň 4,5 metr çuňlugy we 24 metr giňligi bar. Meýdany

birnäçe ýokardan, beýik Týuilriýsk eýwanyndan, ýenede ýokarrak – baştutanlyk edaralaryň balkonlaryndan görnük bolýar. Şunuň ýaly syn edilende tutuş meýdan aýdyň kabul edilýär. Ýöne ramalaryň arhitektur effektini güýçlendirmek üçin: Gabriel balýustradalara adaty däl beýikligi berdi: trotuarlar bilen bilelikde onuň beýikligi 165 santimetr. Emma meýdanda patyşanyň ýadygärligi esasy ähmiýete eýedir. Söweşjeň atyň kellesi Týiulriýsk bagyna bakyp dur, we görüş nokadyna has aýdyň ilýän tarapdan, ýagny günortadan söweşjeň atyň ýadygärligi Korolewsk köçesiniň ortasynda ýaly görünýär. Ýadygärligiň ölçegleri (beýikligi 13 metr) hem duýdansyz şowly tapylan, ýada görüş nokadynyň has uzak aralygyndan ýadygärlik yzynda ýerleşen uly jaýyň fonunda proýektirlenip bilmeýärdi. Oňa ýakynlaşdygyça tomaşaçylar ony asmanyň fonunda görýär.

Lýudowik XV meýdany demirgazykdan iki sany simmetrik uly jaý bilen gurşalyp gurlan. Olaryň arasynda Madlen gümmezli metjidi görünýär. Şeýlelikde meýdanyň toplumy onuň çäklerinden uzaga çykýa we demirgazykdan günorta tarap tas diýen ýaly 800 metrdir.

Özüniň çeperçilik görnüşi boýunça Lýudowik XV meýdany diňe bir arhitektur abzallaşdyrma däl-de, eýsem artistiki heýkellere hem baglydyr.

Patyşanyň ýadygärligi, Týuilrisk bagynyň girelgesiniň iki gapdalyndaky Ýeňiş hudaýynyň ganatly söweşjeň atlary, şeýle hem Ýeliseý meýdanynyň ýolundaky owadan Kusta söweşjeň aty – adatdan daşary şowly plastiki we arhitektur görüşli birleşmäni emele getirýär.

Lýudowik XV meýdanynyň toplumy ýadygärlik aýrylan soň (1972ýyl) ýuwaş-ýuwaşdan ýykylypdyr. 1836-njy ýylda onuň ýerinde Lebanyň şowsuz işiniň nitesinde ýegipet obelisk goýlupdyr.

Köpriniň gurulmagy we Riwali köçeleriniň çekilmegi bilen meýdan şäher hereketiniň çylşyrymly dwünine öwrülipdir. Diňe napoleon gurulmalary – Madlen metjidi we Senanyň günorta kenarynda deputatlar Palatasynyň sütünleri meýdanyň kompozisiýasyna gymmatly baýlyk getirdi. Bir – birine sütünli galereýalar bilen jogap berip, olar meýdanyň kese okuny berkitdiler. Lýudowik XV meýdany äpet Mars meýdançasy bilen bilelikde 1789-njy ýylyň fransuz buržuaz rewolýusiýasyndan biz öňräki amala aşyrylan iň soňky iri abzallaşdyrma bolup durýar.

Pariž rewolýusiýa nähili meýilleşdirilen üstünlikler bilen geldi we absolýutizm periodynyň gurluşygyny nädip bahalandyrmaly? Pariž XVII we XVIII asyrlarda has ösdi we paýtagtyň täze merkeziniň esasyny düzýän Luwr we Týuilri toplumyndan başlap, we köp sanly baglarda, bulwarlarda we meýdanlarda tamamlanýan birnäçe gymmatly toplumlary gazandy. Ýöne bu toplumlaryň esasan görkezme ähmiýeti bar. Olar Ýewropada patyşa köşgüniň lowurdaýan gynyny emele getirýär, ýöne uly sosial meseleleri çözmeýärler. Luwr bilen Týuilriniň ýanyda hapa, şowsuz gurlan kwartallar hem bar. Ol barada Ložýe şeýle diýýär: “tertipsizlik Pariž bilen deňeşdirilende hiç ýerde ýiti duýulmaýar we hiç ýerde beýle geň galdyrmaýar. Bu paýtagtyň merkezi raýony tas diýen ýaly üç ýüz ýylyň dwamynda üýtgänok: biz häzir hem ol ýerde şol öňki mukdardaky egrem-bugram hapa köçeleri tapýarys. Has

gijräk salnan etraplar biraz gowrak gurlan. Özüniň ägirrt ölçegleri, köpsanly we baý ýaşaýjylary bilen beýleki şäherlerden yza galýar. Edil şol hem şäheri şowhunly ýakymly we owadan edýär.

Medeniýetli, bilimli şaýadyň aýtmagyna görä rewolýusiýadan öňki Fransiýanyň paýtagty hem edil şuň ýalydy.

Parižiň meýilnamasynda ýetmezçilikleri düzetmek üçin konwentiň döwründe meýilleşdirilen komissiýa düzülipdir. Ol 1793-nji ýylda ýokarda ýatlanyp geçilen suratkeşdleriň komissiýasynyň meýilnamasyny düzýär. Egerde Meriananyň, Delagriwanyň we Týurgonyň ajaýyp ýerine ýetirilen meýilnamalary olar düzülen wagty Parižiň meýilleşdirilme ýagdaýyna berkidilen bolsa,onda suratkeşleriň komissiýasynyň meýilnamasy doly duratda edebi meýilnamadyr. Ol ähli şäher meýdanynyň meýilnamasyny gözden geçirdi we şäheriň arhitektur, gigiýeniki we transport gyzyklanmalaryndan ugur alyp, geljege täze proýekt hödürnamasyny berdi. Diýmek, köp ýylyň dowamynda birinji gezek Parižiň merkezi orta asyrlar kwartallaryna üns berdi we Luwra we Týuilrä çenli şäher hereketleriň ýagdaýyny gowulandyrmak üçin Riwoli köçeleri bellendi. Bu köçe täze Luwr meýdanyna getirýärdi. Ondan gündogar ugurda Bastilii meýdanyna çenli ikinji uly magistral çekilmelidi.

Iki köçe hem Lenotranyň meýilleşdiren okunyň logiki ösüşi boldy we umumylykda birinji pariž diametrini döretdi. Ol paýtagtyň gyraky nokatlaryny birikdirýär: günbatarda Ýyldyzlar zastawasy we gündogarda Tronnaýa zastawasy. Mundan başga, suratkeşler komissiýasynyň meýilnamasy Parižiň

günorta etraplaryndan Lýuksemburg köşgüne çenli uly ýoluň gurluşygyny föz öňünde tutýardy. Ondan soň (öň Ložýe hödür eden) Mir we kastilon köçeleri Wandom meýdanynda bellik edilen; täze ýaý görnüşli magistrallar, kenarýaka we köp sanly göni çyzykly köçeler proýektirlendi.

Ýokarda eýýam aýdylyşy ýaly, dartgynly syýasy göreş we tas diýen ýaly üznüksiz uruşlar XVIII asyryň 90-njy ýyllarynda suratkeşler komissiýasynyň meýilnamsaynyň çalt amala aşyrylmagyna päsgel berdi. Ýöne bu meýilnamanyň köp köp hödürnamalary Napoleon I, Lui Filipp we hatda XIX asyryň ortalarynda Ikinji imperiýa döwründe hem ýerine ýetirildi. Mir, Kastilon we Riwoli köçeleri, şeýle hem Günbatar – Gündogar diametiniň ideýasy hem amala aşyryldy.

Şeýlelik bilen suratkeşler komissiýasynyň meýilnamsay birnäçe ýyl öe geçýän real şäher gurluşyk programmasy boldy.

Napoleon I döwründe Persýeniň we Fontenyň köp sanly meýilleşdiren işleri kabul edildi, ýöne esasy üns rewolýusiaýadan öň bolşy ýaly, paýtagtyň dekoratiw arrassaçylygyna berildi. Napoleon öz paýtagtynda Rimiň şekilini döretmegi arzuw edýär. Inede Parižde antiki Rimiň mysalynda ullakan ýadygärlikler döredilip, dikeldilip başlady. Týuilriýsk köşgüniň ýanynda Persýe we Fonten üç ganatly arka gurdular; Wandm meýdanynda Napoleonyň şanyna äpet bürünç sütin dikeldildi, we Ýeliseý meýdanlaryköçesiniň soňunda dünýäde uly Triumfal arka dikeldildi. Ol Wersal we Sen – Žermen tarapdan Parižе esasy çykalga edilip çyzylypdyr, emma onuň gozel barelýesi,

“Marselýezi” suratlandyrýan, öňki rewolýusiýasynyň gowy allegoriýasy boldy.



Ortaasyr şäheri



Ortaasyr galasy




Pariž. Notr – Dam.


Ortaasyr galasy


Ortaasyr şäheriniň içki görnüşi



Ortaasyr galasynyň içki görnüşi




Fransiýa 1477-nji ýylda



Gadymy köpri



Wersalyň meýilnamasy



Wersal





## Ortaasyr Italiýa
## XVII asyrda Italiýanyň görnükli şäherleri

Orta asyrdaky Rim özüniň öňündäki – antiki Rimden güýçli tapawutlanypdyr. Rim imperiýasynyň duçar bolan heläkçiligi Rimiň özüde has weýran edişi yz galdyrdy. Köp asyrlaryň dowamynda Rim tozduryjy çozuşlaryň obýekti boldy. Ýuwaş-ýuwaşdan ybadathanalary we şpäheriň jemgyýetçilik durmuşynyň jemlenen meýdanyny bezeýän gyzyl we bürünç heýkeller ýitdi. Ýöne bu ýök edilmeler orta asyrlaryň dowamynda ýerli halkyň “Baky şähere” ýetiren zyýany ýaly uly ýitgi getirip bilmedi.

Orta asyrlar hristian Rimiň gözüniň öňünde antik ýadygärlikler ýigrenji köphudaýlylygyň nusgasyny janlandyrdylar. Şonuň üçin gaýtadan dikeltme döwrüne çenli gadymy Rimiň ýadygärlikleri daş hasaplanýardy we olardan orta asyr ybadathanalary bezemek üçin giden sütünleri, kerpiç we daşlary alypdyrlar. Ýöne Rim her bir täze binalar üçin örän ýokary baha bilen hasaplaşypdyr, bolmasa rim gotikasy demirgazyk gotiki sungatynyň kämilliginiň ýokary derejesine eýe bolmazdy. Göniburçly jaň minaralary we antik döwürde hem orta asyrlarda salnan aýratyn görnüşli köşkleriň kör massiwleri Rimiň dar hem hapa kwartallarynyň arasynda görnüp durdy. Bu binalaryň arhitektur poeziýasynyň Siýenanyň ýa-da San Dziminýanonyň minara jaýlarynyňka seredeňde deňelmeýän peszigi ikinçsuzdyr.

Orta asyr Rim antik Rimiň diňe bir bölegini tutýar. Ýaşaýyş jaýlaryň has köp bölegi Marsow meýdanynda we Tibriň şol tarapynda, watikan we

Anikul depeleriniň aýak ujunda ýerleşýär. Ondan başgada şäher halkynyň has garyp bölegi gadymy teatrlaryň we termleriň harabaçylyklarynda ornaşypdyrlar, emma antik şäheriň ähli günorta – gündogar we gündogar bölegi ägirt uly öri emele getirýär we hatda Romanum forumy hem “Campo vaccino” diýlip atlandyrylypdyr (ýagny sygyr meýdany diýmegi aňladýar).

Keramatly Petriň bazilikasy – köşki orta asyr Rimiň dini merkezi bolupdyr we ol hristian rowaýatyna görä apostol Petriňöldürilen ýeri bolan Neron sirkiniň ýerine esaslandyrylpdyr. Bazilikany we oňa ýanaşýan Borgo kwartallaryny goramak üçin täze (Watikan) diwary gurluşdyr, Adriana mawzoleýi bolsa, şäher tipinde täzeden gurnalypdyr we keramatly Perişdäniň köşki diýen ady alypdyr.

Şeýlelikde orta asyr Rim özi bilen döwürdeş şäherleriň arasynda seýrek kadadan çykma bolupdyr, ýagny şäheriň ilatly bölegi diwarlar bilen gurşalan ähli territoriýanyň dörtden birden uly bolmadyk ýerini tutupdyr.

Rim papasynyň rimiň antikligine bolan gyzyklanmasynyň täsiri astynda Gaýtadan dikeltme eýýamynda gadymy ýadygärlikleri ýykmak gadagan edilipdir we hatda görnükli arhitektorlaryň baştutanlygynda antiki Rimiň gazyp-agtaryş işleri hem başlanypdyr. XV we XVI asyrlary çäginde Rimde Bramante, Antonio da Sangallo kiçi, Baldassaro Perussi, Rafael we beýleki uly ussatlar peýda bolupdyr. 1502-nji ýylda Bramante San Pýetro in Montorio buthanasynyň howlusynda kiçijik, owadanja, tegelek ybadathanany (“Tempiýetto”) gurýar; soňra ol Santa

Maria della Paçe metjidiniň howlusyny gurýar, 1514-nji ýylda bolsa Antonio da Sangallo kiçi Farneze ymaratynyň gurluşyk işlerini başlaýar. Şu gurluşyklar bilen bilelikde (we oň salnan kançellýari köşki) Rimde Gaýtadan dikeltme arhitekturasy duýlup başlaýar. Emma aýratyn hem keramatly Pýetryň baş ybadatnasy bilen Watikan toplumynyň gurluşygy şäheriň arhitektur işleriniň arasynda uly baýlyk boldy.

XVI asyryň başlaryna köne bazilika şeýle bir dargady, hat-da ony gaýtadan dikeltmek hem mümkin däldi. Beýleki bir tarapdan papalaryň özleri öňden bäri ägirt uly ybadathana barada arzuw edip geldiler. Şonuň üçin haçanda Mikelandželo Ýuliý II papasynyň mazary üçin “Moiseýany” salanda, Ýuliý II şeýle diýýär: “Meň öz mazarymy ömürlik ybadathana bilen ýapary” keramatly Pýetryň baş ybadathanasyny gurmak baradaky mesele şeýle çözülipdir. Baş ybadathananyň gurluşygyny Ýuliý II papasy Bramante tabşyrýar. Bramante gysga wagtyň içinde proýekti düzýär we 1605-njy ýylyň 10-njy apreline ymaratyň düýbi tutulýar. Bramanteniň proýekti boýunça keramatly Pýetryň baş ybadathanaynyň meýilnamasy inedördüle goşulan deňahyrky atanak görnüşinde bolup, onuň ortasyndan äpet gümmez göz öňünde tutulýardy. Emma bu proýekt amala aşyrylyp bilinmedi, sebäbi 1914-nji ýylda Bramante ölýär we proýekt Rafaeliň eline geçýär. Bramanteniň mirasgärleri – Rafael, Perussi ew Antonio da Sangallo kiçi özleriniň işiniň 30 ýyldan gowrak dowamynda tas diýen ýaly gurluşygy gozgamadylar, ýöne olaryň her biri özüniň aýratyn proýektini düzdi. Agzalyp geçilen ussatlaryň proýektlerini deňeşdirip, olaryň bir-birinden aýdyň tapawutlanýandygyny

bellemek gerek. Öň başlanan gurluşygy özüniň hususy awtorlyk gyzyklanmasy zerarly dowam etmegi başarýan Gaýtadan dikeltme döwrüniň ussatlary üçin ideýalaryň munuň ýaly çalşygy adaty däldir. Şonuň üçin baş ybadathananyň gurluşykçylarynyň hiç biri hm (hat-da Bramantede) meseläniň gürrüňsiz çözgüdini tapmady diýip umyt etmek bolýar. Keramatly Pýetryň baş ybadathanasynyň kompozisiýasyny döretmek üçin Mikelandäelo, biraz soňrak-Baženow ýaly döredijilikli güýji bolan suratkeş gerekdi; ýa-da Kolizeý ölçeglerinden geçýän bu bina paýtagtyň täze arhitektur merkezi bolmalydy.

Inede rim arhitektur mekdebiniň ussatlarynyň arasynda Mikelandželo ýüze çykýar. 1547-nji ýylyň 1-nji ýanwarynda ony baş ybadathanayň baş gurluşykçysy edip belleýärler we ol şol wagtda proýekti işläp düzmäge we gurluşyk işlerine baştutanlyk etmäge girişýär.

Emma keramatly Pýetryň baş ybadathanasynyň üstündäki iş beýik ussadyň ýeke-täk arhitektur meselesi bolup durmaýar. 1536-njy ýyldan başlap Mikelanželo Kapitoliýiň gurluşygy we proýeksiýasyny çyzma bilen meşgullanýar we edil şu obýektde täze Rimiň arhitektur häsiýeti kesgitlenýär.

Kapitoliýsk depesiniň eýer ýerini eýeleýän Kapitoliý meýdany we oňa ýanaşýan binalar bir awtor tarapyndan pikirlenip, düzülen we şol bir döredijilkili ugurdaky ussatlar tarapyndan gurlan. Ine näme üçin (pikirlenip goýlan antiki heýkeller degişli däl) ol silistik taýdan birmeňzeş toplumy emele getirýär. Özüniň uly bolmadyk ölçeglerinde (çuňlugy 79 metr, ini 40-60 metr) Kapitoliý meýdany uly binanyň duýgusyny

döredýär, ýagny masştabyň meselesini ajaýyp çözgňdine degişli etmelidir.

Kapitoliý meýdanynda esasy ymarat Senatoryň köşki bolup durýar. Ol bolsa başnýa we iki marşly ägirt basgançak bilen bezelip, onuň soňunda ýarym ýatan allegorik durk “Tibr” we “Nil” suratlandyrylýar. Ýokarda aýdylyp geçilişi ýaly meýdanyň ortasynda Mark Awreliýiň ýadygärligi dur, emma merkezi jaýyň gapdallary boýunça iki sany simmetrik köşk: demirgazykda – Kapitoliýsk muzeýi, günortadan bolsa – “konserwatoriý” köşki ýerleşýär. Bu ajaýyp meýdanyň dördünji tarapy gurulman galdyrylypdyr. Ýaşyl eňňidiň gaşy boýunça köpsanly mermer ballýustrada gaýdýar we olar meýdanyň simmetriýa okunda palanan. Bu ýerden Kordonatyň pandus – basgançagyň giň polotnosy aşak gaýdýar we şäheriň görnüşi açylýar, aýratyn hem irden has owadan bolýar. Mikelandželo Kapitoliý gurluşygy bilen bir hatarda keramatly Pýetryň baş ybadathanasyny gurmak boýunça işleri hem alyp bardy. Bramanteniň ideýasyna dolanmak bilen Mikelandželo baş ybadathanany baş gümmezli ykjam massiw ýaly edip çyzdy. Öz ölçegleri boýunça baş ybadathana Bramante tarapyndan goýlan fundamentlere laýyk gelýärdi; ýöne meýilnamanyň baý nagyşlary – tagçalaýyn, pilýastrlaryň we öwrümleriň köplügi – eýýam barokko kompozisiýasy üçin häsiýetlidir. 27 ýylyň dowamynda uly güýç bilen işläp (1564-nji ýyla) mikelandželo diňe bir jaýyň esasy bölegini ýokaryk galdyrman, eýsem ýarysyna merkezi gümmezi hem gurdy.

1586-njy ýyldaky haşamy ony şu görnüşde suratlandyrýar.

Rimiň arhitekturasynda Kapitoliý we keramtly Pýetryň baş ybadathanasy çözlüşikli stilistik döwülme döretdi, ýa-da olar bilen bir hatarda Rimde barokko sungaty tassyklandy. Emma geljekde bu stil esaslandyryjy Mikelandželo köne, gadymy şäheriň arhitektur mirasy hasaplandy.

Şol döwürdäki Rimiň sungaty, gotikasy we hatda Gaýtadan dikeltme hem Rimde ýarym asyryň dowamynda özüniň şertsiz agalygygyny galdyrmak bilen, diňe birnäçe binalar şäheriň arhitektur häsiýetini kesgitlemediler. Yzygiderlilikde Kolizeýiň eňňitlerinde, Maksensiýanyň bazilikasynda we ýeňiş arkalarda güýjüni we çuňňur mährini saklap gadymy rim klassikasy berk baza bolup durýar.

Rim antik arhitektrurasynyň taryhynda pugta stil eýýamy we dekoratiw stil eýýamy bolupdyr. Antik Rimiň bu dekoratiw stili Nerw forumyny, Septimiýa Seweriň ýeňiş arkasyny we Imperiýanyň gülleýän döwrüniň birnäçe beýleki binalaryny galdyryp, Mikelandželany hem öz içine alýar. Ilahykatdan hem Kapitoliýsk toplumy organiki taýdan özüne antik heýkelleri birikdirýär.

Mark Awreliýanyň ýadygärligi, Senatoryň palassosynda ýatan “Tibr” we “Nil”, Dioskura we beýleki heýkeller bir wagtda döredilen ýalydyr. Rim klassiki arhitekturasynyň kaşaňlygyny çuňňur öwrenip, onuň ägirtligini we ägirt masştabyny özleşdirip, Mikelandželo özüniň başga stilistik ugruň wekilidigine garamzdan bu abtiklik bilen janly baglanyşygy dikeldti. Ine näme üçin barokko we kslassika Rimde adaty däl birlige ýetdi we müňýyllyk peselmeleri geçiren Rim barokko sungatynda mynasyp dowamaty gazandy.

Mikelandželonyň olümi (1564) diňe bir Rim üçin däl, eýsem Italiýanyň bütin sungaty üçin öwezini dolup bolmaýan ýitgi boldy. Aýratyn hem doly gurulmadyk baş badathana üçin has pajygaly boldy, ýagny mikelandželonyň mirasgärleriniň biri Karlo Maderna öz islegi bilen onuň planyndan daşlaşdy we kompozisiýa özüniň ynandyryjy ýönekeýligini ýetirdi.

Şol XVI ýüz ýyllygyň 80-nji ýyllarynda Domeniko Fountana baş şäher arhitektorlyk roluny özüne kabul etdi. Rimi bezemek maksady bilen Sikst V papa oňa gadymy ýadygärlikleri – Troýananyň we Antoninanyň ajaýyp sütünini, şeýle hem ýegipet obeliskini dikeltmegi tabşyrdy. Geljekde diňe bir arhitektor däl, eýsem ökde inžener Domeniko Fountana geçiriji maşynlaryň kömeg bilen bu meseläni çalt amala aşyrdy. Emma Domeniko fontananyň esasy hyzmaty planlaşdyryş işleridir.

Rimde gadymy Flaminiýa ýoly (öňki korso köçesi) gowy saklanyp galan. Ol göni ugurda Flaminiýa derwezisini (indi del Popola porty) Kapitoliý biln birikdirýär. Ondan başgada aýry-aýry uçastoklarda gapdal şöhle görnüşli magistrallar – derýa tarapaýrylyp gaýdýan di Ripetta stradasy we Monte-Pinço depesiniň aýak ujundan oňa simmetrik geçýän del Babuino stradasy bardy. Bu üç köçäniň bir şöhle sistemasynda emele gelmeginiň döwri baradaky sorag entäk anyklanmadykdyr, ýöne bu şöhle magistrallarynyň birikýän nokadynyň Domeniko Fontana tarapyndan işlenilendigi ikiuçsuzdyr: meýilleşdiriş düwni arzuwlap we şol bir wagtda köçeleri maksada gönükdirilen etmegi arzuwlap, Domeniko Fontana del Popola portunyň garşysynda uly obelisk goýýar. XVII ýüz

ýyllykda Santa Maria di Monte Santo we Santa Maria dei Mirakoli metjitleriniň simmetrik hüjresi gurulýar; meýdan trapesiýa görnüşi alýar we barokko stilli Rimiň gyzykly toplumlarynyň birine öwrülýär. Rimiň gyzykly toplumlarynyň birine öwrülýär. Rimiň eteklerinde ýatan iri janlandyrylan punktlary köçe sistemasy bilen birleşdirmek maksadyny öňünde goýup, Domeniko Fontana Sistine köçesini çekýär, öň başlanan wia Merulanany gutarýar, Lateransk we Kolizeý köşkleriniň arasynda wia San Džowanni in Lateranany gurýar. Eger kolizeýden Kapitoliýa tarap göni alleýanyň zerurlygyny göz öňünde tutsaň, onda Domeniko Fontananyň meýilleşdiren pikiri düşnikli bolýar: ol aýry-aýry bölekleri göniçyzykly bolan, emma öwrümlerini kömekçi şöhle görnüşli köçeler üçin ýygnaýjy merkeze öwrülýän halka görnüşli transport magistralyny gurmakdan durýar. Domeniko Fontana tarapyndan çekilen köçeler; diňe bir şäher hereketini gowulaşdyrman, täze toplumlary döretmek üçin ýer hem taýýarlýar. Oňa kwatro fontana çatrygy, Ispan basgançaklar kopmleksi we birnäçe beýlekiler degişlidir. Emma XVII ýüz ýyllygyň esasy binasy keramatly Peýtryň meýdanydyr. Keramatly Pýetryň meýdanynyň hususy proýektirleşmesi entäk XVI asyryň ortasynda, haçanda Mikelandželo baş ybadathananyň baş gurluşykçysyna bellenenden soň başlandy. Watikan kitaphanasynda bu meýdanyň ýörgünli şekili, suraty saklanyp galypdyr. Suratyň ähli ýalňyşlyklarynda ýatlanyp geçilýän daşdan görüjilik beýik ussadyň kompozision pikiri baradaky düşünjäni düzmäge mümkinçilik berýär. Mikelandželonyň proýekti boýunça baş ybadathana inedördül meýdanyň

edil merkezinde ýerleşýär we üç tarapyndan iki gatly galereýa bilen gurşalýar. Taraplaryň diňe biri (Keramatly Perişde köşküne bakýan tarapy) gurulman galýar. Bu ýerde ybadathananyň eýwançasyna çykmak üçin giň basgançak ýerleşendir.

Baş ybadathananyň şunuň ýaly merkezi ýerleşişiniň özüni aklaýandygyny bellemek gerek, ýa-da Mikelandželonyň çyzgysynda baş ybadathana diňe bir dini ymarat bolan, eýsem ägirt uly memorial bina – ilkinji rim ruhanylarynyň panteonydyr. Şuňa mňzeş tipli bina ykjam, merkezleşdirilen kompozisiýasy balanda utýar. Edil şonuň üçin baş ybadathana Mikelandželo tarapyndan deň ahyrly grek atanagy görnüşinde çyzylan, ýöne wenok goýmasy merkezi äpet gümmez bilen bäş sany gümmezden ybaratdyr.

Mikelandželonyň işiniň başlanan wagtyndan 60 ýyl geçdi we üýtgän taryhy şertlerde ymaratyň ideýasy hem üýtgedi. Metjidiň girdejisine kowalasyjylar ybadathananyň ýeriniň ulalmagyna getirdiler. 1607-nji ýylda arhitektor Karlo Maderna täze ybadathana köne bazilikanyň öňki bölegini birleşdirmek baradaky buýrugy papadan aldy we täzeden üýtgedip gurmak hadysasynda ahyrsoňy öňden bar bolan ägirt uly baş ybadathana döredilýär. Onuň uzaldylan latin atanak şekili bardyr. Gurluşyk tamamlananda baş ybadathananyň uzynlygy 210 metr, ini merkezi böleginde 148 metr, doly beýikligi atanagy hem hasaplananda – 143 metr. Şeýlelikde Keramatly Pýetryň baş ybadathanasy uly gümmezli bina bolup, diňe Heops piramidasyndan yza galýar. Ýokarda berlen sanlardan görnüşi ýaly, baş ybadathana uly gorizontal aralyk eýeleýär; ybadathananyň gümmezi netiň

uzaldylmagy bilen şowsuzlykda çuňlugyna süýşýär we onuň görünmekligini dikeltmek üçin ybadathananyň öňünden äpet uly meýdan gurmaly bolýar.

Uly mesele bolup durýan meýdanyň çözgüdi 1586-njy ýylda ybadathananyň öňünde süýşirilen obelisk duranlygy bilen çylşyrymlaşýar. Inede Lorenso Bernini meýdanynyň üstündäki işe çekilme birnäçe planlaşdyryş wariantlary düzýär. Birinji wariantda ol ýapyk kompozisiýa (göniburçlyk ýa-da tegelek) görnüşli meýdany çyzýar, ýöne ýuwaş-ýuwaşdan öz konkurenti Džirolamo Raýnaldi ýaly, ol barokko eýýamyna häsiýetli açyk meýdana geçýär.

Amala aşyrylan görnüşde keramatly Pýetryň meýdany çylşyrymly plan – trapesiýa bilen uly owalyň utgaşmasy görnüşi aldy. Meýdanyň trapesiýa görnüşli bölegi ybadathana degip durýar, owal bölegi bolsa daşda ýerleşýär we Domeniko Fontana obeliski onuň merkezi bolup hyzmat edýär.

Keramatly Pýetryň meýdany barokko kompozisiýasynyň gülläp ösen döwründe gurlandygyna seretmezden, ol kompozisiýanyň asudalygyna we aýdyňlygyna eýedir. Ýylmanak nilli sütünleriň ägirt uly kolonnadasy meýdan üçin agyr agramly äpişge döredýär we onuň ägirt ölçegleri özünde delil tapýar koridorlara geçip gidýän kolonnadalaryň dowamy şowly jemlenýär. Koridorlar meýdanyň trapesiýa görnüşli böleginiň gapdallarynda ýerleşýär. Köpri sütünleriň üsti bu ýerde başş ybadathana tarap ugurda ýokary galýar. Käbir amatsyz duýgulardan gaça durmak üçin, haçanda ýapgyt dagda duran ymarat ýere girýän ýaly bolanda, Bernini optiki düzedişleri ulanypdyr: koridorlaryň sokollary (jaýyň fundamentiniň

üstündäki galňadylan bölegi) we karnizleri aşaklygyna gaýdýar we meýdanyň üsti bilen ýokaryk galýar, emma äpişge ýerleriň we pilýastrleriň kapitelleriň ýeňil gyşyklygy bar. Gözegçilik ediji bu gyşyklygy görmeýär. We onuň bilen birlikde fasadlaryň gurluşynyň tebigylygyny duýýar. 3,5 gektardan gorak meýdany eýeleýän keramatly Pýetryň meýdany dünýäniň uly meýdanlarynyň hataryna degişlidir we ölçegi boýunça diňe Parižiň Soglasiäa meýdanyndan, Moskwanyň Gyzyl ploşadyndan we Leningraddaky köşkli ploşaddan yza galýar. Emma onuň çuňňurlygy baş ybadathanany zerur bolan aralykdan görmäge mümkinçilik bermeýär. Onuň merkezi gümmezi gapdal gümmezleri bilen bilelikde asmanyň gonunda çekilen ýaly görünýär. Şonuň üçin hem Berniniň döwürdeşlri keramatly Pýetryň meýdanyny Rimiň doly gurlan we gürrüňsiz şowly meýdany diýip hasaplamaýarlar. XVII asyryň ahyrynyň uly arhitektorlarynyň biri bolan Karlo Fontana bu meýdany detallaýyn tertibe saldy we ony düzetmekligiň birnäçe wariantyny hödürledi. Karlo Fonatananyň has gyzyklandyryjy wariantyna laýyklykda, meýdan trapesiýa görnüşli goşulmany almalydy we baş ybadathananyň garşysynda beýik bolmadyk jaň minara bolmalydy. Soňra keramatly Perişdäniň köşgüne tarap ugurda uzyn meýdan, ýagny üstünden ybadathana görüner ýaly edip gurulmalydy. Mundan başgada Watikan depesiniň ýaşyl eňňitlerinde panduslar göz öňünde tutulypdy we Rime täze görüş nokady amala aşyrylan bolsady, onda barokko Rime iň kuwwatly çyzykly kompozisiýany sowgat ederdi, Keramatly Pýetryň meýdany bolsa mümingadar özüniň radikal çözgüdini tapardy.

Keramatly Pýetryň meýdany Rimiň territoriýasynda iň soňky äpet gurluşyk boldy. Soň-soňlar Rimiň pese gaçmagynyň täsiri bilen gurluşyk masştaby hem peseldi, emma täze gurluşykçylar şäheriň ýüzleý “bezeleşdirmesine” öwrüldi. Olaryň sosial ähmiýei we ýokary derejede çeperçilik ussatlygy ýokdy. Barokko stiliniň ösüşinde dekoratiw tendesiýalar ahyr soňunda çeper formalaryň mazmunyndan aýrylmagyna getirdi. Nawonsk ploşadyny bezeýän heýkel taraplary we Ispan basgaçnagynyň we Trenli fontanynyň suratçylyk toplumy şunuň ýalydyr. Bu binalarda olaryň entäk ýokary çeperçilik gymmatyna garamazdan, sungatyň ýaramazlaşma alamaty duýulýardy. Mazmuny bilen çeperçilik formasynyň arasyndaky has uly bölünişigi bilen görkezilýän bu mazmun soňrak – kapitalizmiň dargap başlan döwürnde, formalistik ugurdaky suratkeşleriň eserlerinde esas bermeýär. Şoňa baglylykda XVII we XVIII asyrlaryň çäginde Rim ýaşaýyş işjeňlikli çeperçilik merkez bolmagyny goýdy. Onuň deregine Fransiýada şäher gurluşyk sungatynyň uly mekdebi döredi. Onuň bilen bir hatarda, ýöne gurluşygyň has giň gerimi we lowurdysy bilen Pýetrdan soňky Rossiýanyň şäherleriniň gurluşygy ýaýbaňlandyryldy.



Watikan. Keramatly Petr sobory



Rim. Kolizeý



Ortaasyr Italiýanyň şähergurluşygy


Rim forumy


Maksentiý willasy


Milan sobory



Rim. Panteon





Rim forumy

## Ortaasyr Hytaý şähergurluşygy

Hytaýda hem gadymy dünýäniň beýleki ýurtlarynda bolşy ýaly şäherler tire – taýpa gurluşyň ýitip gul – eýeçilik geçilýän döwründe ýüze çykýar. Ki (ýa-da Szi) adyny göteren Pekin şäheri hakynda ilkinji maglumatlar b.e. öň 1121-nji ýylda duş gelýär. Şol döwürde Pekin uly bolmadyk Ýan patyşalygyň merkezi bolupdyr. Hytaýyň ýene bir gadymy şäheri – Lo-i (häzirki döwürde Lo-ýan) taryhy hronologiýa boýunça Rimiň dörän wagtyna gabat gelýär (b.e. öň XIII asyrda). Şeýlelikde Hytaý şähergurluşygy Greiýanyň we Italiýanyň iň gadymy ilatly nokatlary bilen, Assiriýa şähergurluşygy bilen bileräk başlanypdyr diýmäne esas döreýä. Emma şol eýýamyň şähergurluşyk ýadygärlikleri häzire çenli näbelli bolup galýar. Munuň sebäbi gadymy şäherleriň gazuw – agtaryş işleri ýeterlik derejede geçirilmedik, şeýle hem olaryň köpüsi söweşler döwründe doly ýitipdir. B.e. öň I müňýyllygynyň Huanhe derýasynyň orta akymlarynda ýerleşen, Hytaýyň iň ösen ýerlerinde feodalizm ösüp başlaýar. B.e. III-II aa. senetçiligiň, onümçiligiň we söwdanyň merkelerini öwrülýän käbir şäherler has giňediler.

Pekin şäheriniň gündogaryň paýtagtyna öwrülmegi şäheriň täzeden gurulmagyna getirdi. Hubilaýyň köne şäher tutuş diýen ýaly ýok edilip onuň ýanynda täze paýtagt guruldy. Bu paýtagt her tarapy 6.300 metr bolan takyk dörtburçlyk görnüşinde bolupdyr.



Häzirkizaman Pekinyň emeli hemradan düşürilen suraty



Gadagan şäheri



Asman ybadathanasy

# Mazmuny

Giriş.............................................................................7
Gadymy Gündogar.....................................................8
Gadymy Müsür..........................................................9
Derýaaralygyň şäherleri...........................................14
Antik şähergurluşyk. Gadymy Grek şähergurluşygy...20
Gadymy Rim.............................................................29
Ortaasyr binagärligi. Ortaasyr Fransiýa......................35
Ortaasyr Italiýa.........................................................60
Ortaasyr Hytaý şähergurluşygy..................................77